# Pygamberler nalasy / pýesa

Category: Kitapcy,Sözler,Teatr we kino sungaty
написано kitapcy | 23 января, 2025
Pygamberler nalasy / pýesa PYGAMBERLER NALASY / Iki aktly drama

*Tomas Mannyň, Andalybyň äheňinde*

GATNAŞÝARLAR

ÝAKUP 65-70 ýaşlarynda
RAHIL 40 ýaşlarynda
WALLA 50-55 ýaşlarynda
ZELFA 50 ýaşlarynda
ÝUSUP 9, soňra 17-18 ýaşlarynda
RUWIM 29 ýaşynda
SIMEON 28 ýaşynda
LEWIÝ 27 ýaşynda
ÝEHUDA 26 ýaşynda
ISSAHAR 21 ýaşynda
ZAWULON 20 ýaşynda
NEFFALIM 28 ýaşynda
DAN 27 ýaşynda
GAD 23 ýaşynda
ASIR 22 ýaşynda
IBNI ÝEMIN 8 ýaşynda
IBIN ZAGYR 55 ýaşynda
ÝIGIT 25 ýaşlarynda
GUL 25 ýaşlarynda
GÖBEGENE 50 ýaşlarynda

BIRINJI AKT

1.

Gurhanyň Ýusup süresinden başky aýatlar ýaňlanýar.
Garaňky sahnadan çaga dogurýan aýalyň burga çydaman gygyrýan

sesi eşidilýär. Wagtal-wagtal garaňkyny ýaryp geçýän ýagty bisabyr garaşyp duran adamlary görkezýär. Bir ýerde altmyş ýaşly Ýakup, bir ýerde dokuz ýaşly Ýusup, ýene bir ýerde Ýakubyň aýallary, ýene bir ýerde onuň ogullary.
Ýagtylmadyk sahnadan agyra çydamadyk aýalyň sesi gelýär, soňam tapba ýatýar, erbet ümsümlik bir pursatlyk dowam edýär. Ümsümligi dünýä inen çaganyň sesi bozýar. Duranlaryň arasynda hereket başlanýar. Ýusup Ýakubyň elinden tutup ony sahnanyň düýbüne çekýär. Düýpde çaga dogran Rahil sus ýatyr. Göbegene çagany ak mata dolap eline alypdyr. Çaganyň agysy dowam edýär.
Soňra Göbegenäni sahna düşýän ýagty zolakda görýäris. Ol Ýakubyň ýanyna gelip bir zat diýýär, onuň gamgyn habar aýdany Ýakubyň gussaly keşbinde aýan bolýar. Ýakup, Ýusup aýalyň yzyna düşýär.
Rahil sus ýatyr. Ýakup bilen ogly onuň üstüne abanyp dur. Rahil özüne gelýär. Ilki gapdalyna çöken Ýusubyň başyny sypaýar, soňra Ýakubyň elinden tutýar.

RAHIL. Men saňa bary-ýogy iki ogul dogrup berdim, menden göwün etme, olara nähili kynlyk bilen ýetenimi sen bilýänsiň. Olary taşlap gitmegiň neneňsi agyrdygyny bilsediň, Ýakup… Ýusup janyň gül meňzi hemişe saňa meni ýatladar, onuň maňa meňzeşligini duýaňda kalbyňy gussa gaplap alar. Indi sen bulara diňe ata bolman, ene-de bolmalysyň. Sen Ýusuba elliden soň ýetdiň, ol saňa has mähribandyr, uly ogullaryňdan parhlydyr. Bu oglum edil özüm ýaly bolaýsady diýip küýseýänsiň, ýöne sen ony öz çeken jebriňden gorawergin…

Rahil ölýär.

ÝAKUP. Kadyr Alla, ýüregime ot düşdi,

Meni Ýusubymdan jyda eýleme!

Dünýäde aýralyk bir ýaman işdi,

Soltan başym bu gün geda eýleme!

Dünýä garaňkylyga gaplanýar.

2.

Çadyra duwlanyp ýuwnup duran Wallanyň bedeniniň suduryny görýäris. Ruwim açgözlik bilen ony synlaýar, soňra takaty ýetmän kakasynyň gyrnak aýalynyň üstüne barýar. Olaryň dalaşy sessiz-üýnsiz dowam edýär. Muny Ýusup görýär.

Ýusup ylgap gidýär. Ol kakasy Ýakubyň ýanynda, gözlerinde ýaş. Onuň sözlerini eşitmesegem, ýaňky gören ýagdaýyny habar berýändigi aýan.

Ýakup gahar bilen hasasyny ýere urýar.

3.

Ýakubyň öňünde zyna işe baş goşan Ruwim bilen Walla. Olaryň haly perişan, guma bulaşyp otyrlar. Walla saçlaryny ýaýyp, ýakasyny ýyrtyp ýalbarýar, düşündirýär. Ol gepini dowam etdigiçe Ruwim başyny aşak salýar. Walla süýrenip barşyna hojaýyny Ýakubyň aýagyna ýapyşýar, ogşajak bolýar. Ýakup ýylan gören ýaly gödeklik bilen aýagyny çekip alýar. Soňra gazap bilen hasasyny ýere urýar. Walla ýüzüni tutup, güm bolýar. Ýakubyň öňünde Ruwim murtar bolup otyr. Ýakup oglunyň saçyndan tutup, ony özüne bakdyrýar, gazap bilen gözlerine garaýar, hasasyny depesine galdyrýar, ýöne indermän, özi ýeňsä öwrülip, içine urlan dek bükülýär. Eginlerini silkip durşy, masgaralyga çydaman aglaýana meňzeýär. Garaňky sahnanyň bir burçunda ak lybasly Rahil peýda bolýar. Ýakup kem-kemden dikelip, Rahile tarap garaýar, oňa golaýlaşyp başlaýar. Ruwim garaňkyda galýar, görnenok.

ÝAKUP. Uly oglum meniň namysyma tokundy, Rahil, atasynyň düşegini hapalady. Seniň ölümiňden soň ýekeligiň derdini çekýän adama ykbalyň bu urgusy juda agyr, çekip-çydardan agyr. Men uly oglumy ojak eýesi bolmak hukugyndan mahrum edýän, Rahil.

RAHIL. Seniň bu kararyň meniň ätiýajymy artdyrýar, Ýakup. Sen ejeň ündewüne gidip, aldaw-hile bilen kakaň ak patasyny

alypdyň, agaňa derek ojak eýesi bolupdyň. Etmişiň zerarly ömür boýy hesret çekip gelýäň. Sen bi hesretiňi kime miras goýmakçy bolýaň? Ýusubamy?

ÝAKUP. Agyr pursatda sen meniň çöken göwnüme teselli ber, Rahil, maňa ýowuz darama!

RAHIL. Ýakup, oglunyň aladasyny edýän enäniň ýowuzlygyna düşünse bolar. Men doganlarynyň kalbynda Ýusuba ýigrenjiň döremeginden ätiýaç edýän. Agaň ýigrenjinden howatyr edip, özüň nijeme ýyllar aýralygyň derdine döz gelmeli bolupdyň?! Ýusup doganlarynyň etmişini çaga göwni bilen saňa ýetirende, sen söwer ogluň ygtybaryna monça bolsaň-da, taýagyň iki ujunyň bardygyny äsgermezlik seniň paýhasyňa gelişmez. Bir ujunda söýgi, beýleki ujunda ýigrenç. Kakasynyň göwnünden turmaga endik etdigi saýy, çaganyň töhmete ýüz urmagy-da ähtimaldyr.

ÝAKUP. Perzendine gezek gelende eneleriň kalby hemişe howsala ýakyn bolýar.

RAHIL. Ene bolmadyga eneleriň howsalasyna düşünmek kyndyr.

Rahil ýitýär. Ýakup öz aladasy, öz hesreti bilen galýar. Ol ýanyna Ýusubyň gelenini-de bir bada aňşyranok. Soňra on iki ýaşly oglunyň başyny sypaýar, özüne hemaýat bilen garap duran çaganyň gözlerine mähir bilen seredýär.

ÝAKUP. Seniň gözleriňde ejeň pakyryň keşbi bar, oglum. (Geňirgenip dymyp durýar) Düýn sen Asir hakynda bir zatlar diýipdiň-le?

ÝUSUP. (Höwesli) Asir zatdan doýanok, diri goýnuň budundan kesip alýa-da lak-luk iýip goýberýä, bişirmän iýýä.

Ýakup gülýär, onuň gülküsi adaty gülki däl, häzirki pursatyndaky howsalasyny, aladasyny aňladýan gülki.

4.

Çarwalaryň guýusy. Gapdalda çadyrlaryň sudury görünýär.

Utundan suwly meşik asylgy. Ýusup Ibni Ýeminiň elinden tutup, haýdap gelýär, ony daşyň üstünde oturdýar, demini dürseýär.

ÝUSUP. Jigim, asmana gara… oňatja seret, üns berip seret!..

IBNI ÝEMIN. Seredýän-dä!.. Nämüçin seret diýýäň?

ÝUSUP. Näme görýäň?

IBNI ÝEMIN. Hiç zat… Ana, o taýda gün-ä ýaşyp barýa. Häli, ho-o depede ullakan, Ruwimdenem ullakan bulut durdy, gidipdir… Gözüm ýadaýa-laý, hiç zadam göremok. Sen näme görýäň, Ýusup? Senem sered-ä!

ÝUSUP. Jigim, hiç zat göremok diýýäň, sebäp, adamyň gözi ýetenok, asmanda görere zat kän. Asman gat-gat, ýedi gat! Men ýedinji gata çykdym!

IBNI ÝEMIN. Ýene düýş gördüňmi, Ýusup, aýdyp beräý-dä!

ÝUSUP. Jigim, äpet bürgüt meni penjesine gysyp, ýedinji asmana göterdi!

IBNI ÝEMIN. Dyrnagy çümendir-ä, gygyrmadyň-maý?

ÝUSUP. Hakyky bürgüt däl-ä ol, perişde ekeni! Dyrnagam ýymşak, adam dilinde gepläp bilýä!

IBNI ÝEMIN. Bizi taşlap gideniňe gynanmadyňmy, Ýusup?

ÝUSUP. Gynanmak ýadyma-da düşmändir, töwerek daşym bir täsin, bir täsin! Oturan ýerimiz, bu guýy derrewjik gözden ýitdi, Aýyň, Günüň, ýyldyzlaň deňinden geçdik gitdik. “Sen meni nirä alyp barýaň?” diýip, bürgüde gygyrdym. “Eý, ynsan çagasy! – diýdi. – Men seni arşyň depesindäki belent köşge eltmeli, Biribaryň huzurynda durmak saňa miýesser etdi, sen Biribaryň hyzmatynda bolarsyň. Belent köşgüň açaryny Biribar saňa ynandy” diýdi. Şeýleräk bir zat boljagyna men öňden garaşyp ýördüm, ýöne bürgüde hiç zat diýmedim. Asmanda köp gepleseň halanok ekeniler.

IBNI ÝEMIN. Begenjimden men-ä geplärdim. Gepleseň ýere zyňýalarmy, Ýusup?

ÝUSUP. Asman ýer däl-ä, hatyrjem bolmaly. Ýolda maýdaja perişdelerem maňa goşuldy, ýöne olar görip ekeni. Biribaryň aýdanyny eşidenlerinde: “Laýdan ýasalan porsy adam otdan ýaradylan perişdelerden zyýat boldumyka?” diýşip, Iblisiň sözüni gaýtaladylar. Biribaryň hökümi zor ekeni: “Maňa öwretmäge haýsyňyzyň gaýratyňyz çatýar?” diýdi. Göripler lal boldy. Iblisiň täleýi olara mazalyja sapak bolan ekeni.

IBNI ÝEMIN. Agam, Biribaryň özüni gözüň bilen gördüňmi?

ÝUSUP. Gözüňi gizle diýdiler, elimi ýüzüme tutdum, ýöne barmaklarymyň arasyndan ogryn garanymy saňa aýdaýyn, jigim.

IBNI ÝEMIN. Menem serederdim, Ýusup.

ÝUSUP. Aýdylana gulak asman günä iş edenime bada-bat düşündim, Biribaryň öňünde ýüzin ýykyldym. “Ynsan çagasy, tur ýeriňden – diýdi. – Şu pursatdan tagtymyň hyzmatyny saňa ynanýan” diýdi.

IBNI ÝEMIN. Ýusup, sen Biribara gowuja seredensiň-ä, biziň atamyz Ýakup Biribara meňzeýän ekenimi?

ÝUSUP. Biribar külli älemiň atasy, hemmämiz oňa meňzemeli. Biribar meniň egnime şöhleden dokalan don atdy, başyma dürden ýasalan täç geýdirdi. “Bu lybas şöhratyň hem buýsanjyň lybasy, bu täç bolsa, meniň tagtymyň belentliginden, ýalkymyndan bir paý” diýdi. Biribaryň sözi älemiň gümmürdisi bilen utgaşyp gitdi, perişdeler ýüzin ýykyldylar. Biribaryň keramatly nazaryndan soň damarlam tütäp, süýeklem ýanyp, tutuş ýalyna gaplandy. Kirpiklem ýyldyryma öwrüldi, saçlarym alow bolup oýnady. Ýalyndan ganat baglamda oýanypdyryn…

IBNI ÝEMIN. Seňki ýaly düýş gören bolsam, men-ä gorkardym, agzyma-da uçuk gaýnardy.

ÝUSUP. Bu düýş hakda kakamyň ýanynda dil ýaraýmagyn, jigim, agalarym-a asylam bilmeli däldir, ýamanlyga ýorarlar.

IBNI ÝEMIN. Aýtman, hiç kime-de aýtman, men seni gowy görýän-ä! (Ýusuby gujaklaýar)

ÝUSUP. Gün ýaşdy, jigim, garaňky düşmänkä öýe bar, ýogsa gözlärler. Men entek bu taýda boljak, yssyladym, derledim, ýuwunjak.

Ibni Ýemin gidýär. Ýusup köýnegini çykaryp, egninden suw guýýar. Garaňky düşýär.

Gurhanyň Ýusup süresinden dördünji aýat okalýar. Ýakubyň “Ýusup, Ýusup” diýip gygyrýan sesi eşidilýär, soňra özi peýda bolýar. Onuň egninde ýuka plaş, aşagynda geçi hamyndan eşik geýipdir. Kellesine galyň matanyň bölegi atylan. Elinde uzyn hasa. Ýusup turmaga howluganok.

ÝAKUP. Gün batdy, garaňky düşdi, agşam şamynyň wagty ötdi gitdi, Ýusup gara berenok diýýän, sen guýyň başynda ýalňyz oturan ekeniň. Üst-başyň açyk, gorky-ürki ýadyňa düşenokmy?

ÝUSUP. Agalaryma garaşdym, gören düýşümi gürrüň berjekdim, diňlemän gitdiler.

ÝAKUP. Tur-da egin-başyňy geý. (Ýusup geýinýär) Öten gije sesýetim aňry ýanyňda ýolbars goýun sürsüne darap gidipdir, aç möjekler kaňkaşyp ýör.

ÝUSUP. Her jandar Hudaýyň buýran awuna topulýandyr, kaka, men ýolbarsyň awy däl-ä, men adam-a. Meniň yzymda şeýdip ser-sepil bolup ýörşüňi göremde özümiň ulalandygyma-da ynanmajak bolýan, kaka. Meniň ulalandygyma özüň beri ynanýarmyň?!

ÝAKUP. Ýusup, oglum, men aýralyk howpunyň gysajyndan sypyp bilemok. Birmahal ejeň pakyryň didaryna maýyl bolamda aýralygyň ätiýajy apat bolup başymdan inerdi. Pakyry ýakyndan-ýatdan, ýelden-suwdan, töwerek-daşdan gabanardym. Şol gabanç ýene meniň başymda. Men seniň görk-görmegiňe, akyl-paýhasyňa, zehiniňe, bilimiňe-de guwanmaga ätiýaç edýän, Ýusup. Guwansam, seniň artykmaçlygyňy töwerege mazamlaýan ýaly bolaýmaýyn

diýýän. Seni doganlaňdan gabanýan. Seň gören düýşüňi agalaň diňlemän gidenine sen gynanyp dursuň, men welin, begenýän, Ýusup. Olaryň kalbynda göriplik odunyň tutaşmagyndan gorkýan. Gorky meniň dilimi baglady, ýogsam bolmasa, bireýýämden bäri saňa niýetleýän üýtgeşik sowgadymy aýan etmegiň höwesinde gezip ýörün. Onuň nämedigini sen häzir sorama menden, soradygyň saýy meni kösärsiň. Ol niýeti kakaň kalbyna düşen tohum diýip bil. Şine urup, gögermegine garaş, umytda bolaly, Ýusup. Eý, Hudaý, ogluňy umytda goýanyň bilen ätiýajyň peseldimi diýsene!.. Ýusup, eglenme, oglum, bar nahar şamyňy iý.

Ýusup gidýär. Ýakup aladaly başyny nirä sokjagyny bilmän ýaýdanyp dur. Onuň göz öňünde Rahil peýda bolýar.

RAHIL. Sen Ýusubyň kalbyna ot berip goýberen-ä dälsiň?

ÝAKUP. Hyýalymdan el götermek maňa başartmady, Rahil.

RAHIL. Ähtimal, sende el götermäge isleg döränem däldir?

ÝAKUP. Menden takyk jogap talap etme, Rahil, gaýta meniň yrga köňlüme düşünjek bol.

RAHIL. Etmişi üçin uly ogluňa temmi berip, ony mirasdan mahrum eden pursatyňdan başlap seniň islegiň Ýusupdy, ojagyň eýesi Ýusup bolmalydy. Sen beýleki ogullaryň ýanynda Ýusubyň artykmaçlygyny küýsäpdiň. Ylyma-bilime ýykgyn edip, onuň artykmaçlygyny gazanaryn öýdüpdiň. Şony gazandyňam. Seniň bu günki gorkyňa-da düşünýän, Ýakup, sen Ýusubyň artykmaçlygyny doganlarynyň ykrar etmän, gaýta oňa duşmançylyk meýli bilen garaýandyklaryny görüp howsala düşýärsiň. Ýusuby ojak eýesi diýip yglan eden günüň agalary ony ykrar etmäge mejbur bolar diýen ynanjyň bar. Emma agalarynyň Ýusuby hormatlajagyna, söýjegine ynanjyň barmy?

ÝAKUP. Sen maňa ýowuz darama, Rahil.

RAHIL. Hile bilen ataňdan ak pata alyp, agaň ornuny

eýeläniňden soň çeken sergezdançylygyňy ýatla.

ÝAKUP. Saňa sataşmagym üçin, ähtimal, Hudaý şol sergezdançylygy başyma salandyr?

RAHIL. Menden ömürlik jyda düşen mahalyňam sergezdançylyk gutarmandy.

ÝAKUP. Rahil, ýazygymy inkär edemog-a!

Rahil gaýyp bolýar. Ýakup saňsar bolup dur.

5.

Bugdaý ekilen meýdan. Orak mahaly. Aňyrda bugdaý desseleri görünýär. Kölege üçin ýasalan telär, aşagynda goş-golam. Aşpezlik edýän Lewiý susakly gelýär, naharyň tagamyny datmaga durýar. Zawulon suwly küýze getirýär.

LEWIÝ. Ýarm-a bişipdir, inim, çagyr gelsinler.

ZAWULON. Seň ýarmaň Ýusuba ýararmyka?

LEWIÝ. Ýarar. Öýdeçer adamlar meýdanyň naharyny iýmäge höwesekdirler. Etlije ýarmany kim iýmez öýdýäň.

Zawulon gidýär. Lewiý okaralary teläriň aşagynda hatar goýýar. Doganlar gelýär. Ýadaw. Kimsiniň egni köýnekli, kimsi köýneksiz. Her kim öňlügini aýryp gapdala zyňýar. Daýaw Ruwim küýzäni başyna çekýär. Soňra ony Ýusuba tutdurýar.

ISSAHAR. Küýzäni tutara ysgyny barmy oň, agzyna tutup ber-ä.

RUWIM. Ýadasa-da, Ýusup desse bogmag-a ökdeledi.

ÝUSUP. Bilim agyrýa, ed-dil uçup gelýär.

RUWIM. Ýadawlyk hiçdir, ýadamasa beden bekemez. (Ýusubyň eginlerinden tutup silkeýär) Ýadamaýan adamda uky-da ýokdur, işdä-de.

ÝUSUP. Meýdana çyksam şähdim açylýa, kelläm durlanýar.

GAD. Bolgusyz kitaplara çişen kelläňi durlamak üçin hökman biziň ýanymyzda bolmalymy sen!

ÝUSUP. Agalarymyň ýanyna gelmän nirä gideýin. Siziň işiňizi sizçe oňarmasamam, başardygymdan kömeg-ä ederin.

ASIR. He-he, biziň işimiz onuň işi dälmiş.

RUWIM. Gep tamam!

ÝUSUP. (Ruwime) Öňürti ýatyp dynjymy alaýmasam ýadawlykdanmy, işdäm ýok.

Doganlar gülüşýärler.

RUWIM. Gözel göwnüň, Ýusup.

Ýusup bir gyrada süýnýär. Doganlar okaralaryna ýarma guýduryp, iýmäge oturýarlar.

SIMEON. Büýl bizem harmany çarh bilen döweliň. Soraşdyryp gördüm welin, hem çalt hem arassa döwýä diýdiler.

ÝEHUDA. Çarh bilen harman döwjek bolsak, ätiýaçdan artygrak diş ýasadyp goýmaly.

SIMEON. Ruwim ýaly münse, agramyna döwüler diýjek bolýaňmy.

ZAWULON. Men ýaly ýeňiljegi mündürip, özüňiz kölegede çäşerer ýatarsyňyz.

Ýusup başyny galdyrýar. Nirede ýatanyny aňşyrjak bolýan ýaly äme-säme töweregine garanjaklaýar. Doganlaryna gözi düşüp, hakydasyna aýlanýar, dik oturýar…

ÝUSUP. Düýş görüpdirin…

Doganlar gülüşýärler. Olaryň gülküsinde gahar alamaty bar.

GAD. Ýönelige ýatmadygy bellidi-le.

DAN. Düýş görerçe salym geçmedik ýaly-la?

ÝUSUP. Çynymy aýdýan.

ZAWULON. Düýşüňde döwek döwen-ä dälsiň?

ÝUSUP. (Çyny bilen) Ýo-ýok, bugdaý orýas.

Doganlar has beter gülýärler.

DAN. Düýşüňde orak orsaň biliň agyrýan ekenimi?

ÝUSUP. Täsin düýş görüpdirin, aýdyp bersem özüňizem täsin ekeni diýersiňiz. Ed-dil huşda bolýan ýaly, ähli zat jikme-jik göz öňümde. Bugdaý orup ýörüs…

ASIR. Wah-wah-eý, azap üçin doglan çaga ekeniň, uklaňda-da saňa dynç alma ýok-da.

ÝUSUP. Eşidesiňiz gelenokmy, agalam?

GAD. Ölübem baramzok.

ASIR. Men-ä diňlejek däl.

RUWIM. Aýtsyn-dynsyn-la. Aýdyber, Ýusup.

ASIR. Iki agyzda gutar, tükezzibana tutdugyň turup gideris!

ÝUSUP. Ýaňy nähili bugdaý orup ýören bolsak, bolşy ýaly düýşüme giripdir. Ilki orýas, soňam oranymyzy desse bogýas.

DAN. Tersine bolmasyn, belki, ormankak desse bogýandyrys, düýşdür-dä, düýşde gudrat bolmasa bolmaz-a.

ÝUSUP. Biz on iki dogan bolup işläp ýörüs, aramyzda Ibni Ýeminem bar.

GAD. Ana saňa gudrat! Sekiz ýaşly jigisinem oraga saldy.

ÝUSUP. Ibni Ýeminem dessesini bogup, siziň desseleriňiziň ýanynda goýýar. Her kim bir desse bogýar, soňam halka şekilli öwrüm edip goýýaňyz.

ZAWULON. Sen goýaňokmy?

ÝUSUP. Menem goýýan, meň dessäm halkaň ortarasynda dur. (Doganlar bir gulaga öwrülýär) Şol duruşlaryna goýup gaýdýas. Ýigrimi-otuz ädim ýöreýäs welin, Ruwim birden yzyna garaýar, bizem seredýäs. Görse, desseleň bary galypdyr, dim-dik bolup durlar. Birdenem siziň desseleriňiz meň dessäme baş egdiler…

Bir göwrä öwrülen doganlar tisginýär, aýak üstüne galýarlar.

GAD. (Dartgynly) Onsaň… soň näme bolýar?

ÝUSUP. (Mesaýy) soň oýanypdyryn.

ASIR. Oýanmaz ýaly ekeniň.

SIMEON. Inimiz bize öňünde başymyzy egip durmagy buýrýan ýaly-la, ýa başga ýorgudyňyz barmy?

ÝUSUP. Agalam, men size gören düýşümi bolşy ýaly aýdyp berdim.

RUWIM. Sen diýjegiňi diýdiň, gowusy geplemän otur.

DAN. Başga hili ýorgudyň bolmaga haky ýok!

ÝEHUDA. Onda näme, geliň, bizem ejizje desselerimiz ýaly hojaýynyň daşyna öwrülip, gara başymyzy egeliň.

Olar Ýusubyň daşyna halka bolup öwrülýärler, gol tutuşyp hüjüme häzirlenýän ýaly herekete başlaýarlar.

ASIR. (Gygyrýar) Nejis şugulçy, seň öňüňde agalaň bil bükmelimi?!

GAD. Garantgaň öňünde bil bükmeli, ha-ha-ha!..

ASIR. Sen şugullap Ruwimi mirasdan mahrum etdiripdiň, bi günem ahyrky maksadyňy aýdyň etdiň oturyberdiň.

SIMEON. Kelläňi durlap tapan oýnuň-a ýeser boldy, ini-im..

DAN. Hapa ýürege dury kelle nämä derkar?

ASIR. Dessäňi otlarys, lowlap ýanar, külünem asmana sowurarys! Galamasyny özüň ýor!

Ortada galan Ýusup halkadan çykjak bolýar, emma doganlar onuň döşünden itip, orta dolaýarlar. Gaharlary ýatyşaýmasa hereketleri togtarly däl.

6.

Gurhanyň Ýusup süresiniň bäşinji, altynjy aýatlary okalýar. Ýakubyň çadyrynyň öňünde Ýusubyň kakasy bilen söhbeti dowam edýär. Ýakup biynjalyk, howsalaly, bir ýerde oturmaga takaty ýetenok. Çadyra duwlanyp Zelfa bilen Walla olary diňleýär.

ÝAKUP. Sen gyssama meni, sen bisabyr boldugyňça meniň ätiýajym artýar, şübhe meni erkime goýanok. Ertir irden ykrar edenimi agşamlyk inkär edýän, agşam inkär edenimi ertir ýene ykrar edýän. Seniň ykbalyň bilen bagly çözgüt diňe meniň islegime baglydyr öýtme. Ejeň dünýäden ötende sen dokuz ýaşly oglandyň. Seniň görk-görmegiň, ylym-bilimiň hakynda aýdylýan ýagşy sözler meniň kalbymda ejeňe bolan hormaty, buýsanjy artdyrýar. Mahal-mahal saňa ejeň gözi bilen garaýan, Ýusup, ene ýüregi bilen söýýän, guwanýan. Ene ýüregi meniň kalbymdaky niýeti ykrar edermikä? Entek bu sowala mende gutarnykly jogap ýok.

ÝUSUP. Maňa niýetlän sowgadyň ejemiň niýetine çigit ýaly zeper ýetirýän bolsa, men ondan el çekerin, kaka. Belki, seniň ätiýajyňy paýlaşmaga, ýa-da ony şemala düşen saman ýaly pytradyp goýbermäge meniň hemaýatym gerekdir.

ÝAKUP. Ýusup, seniň bilime teşneligiň meni birde buýsandyrsa, birde ätiýajymy artdyrýar. Bilim seni agalaryňdan parhlandyrýar, parhlyny bolsa halamaýarlar.

ÝUSUP. Olar mal bakmaga, bugdaý ormaga menden ökde, olaryň ökdeligine men göriplik edemog-a… Sen meniň gonjuma gor guýduň, kaka. Seniň ýaly dana, erki zor adamyň niýetiniň öňüne böwet bolup biljek güýjüň Hudaýyň emri bilen ýaradylan älemde bardygyna ynanamok. Eýse, ynanmagymy isleýärmiň? Meniň

kalbymda Ybraýyma, ogly Ishaka, agtygy Ýakuba, olaryň nesline Hudaýyň penasynyň mizemezdigine şübhe döremegini isleýärmiň?

ÝAKUP. Mundan artyk söz diýme, bes et. Atalaryň derdine ata bolaňda düşünersiň. (Pauza) Seniň göwnüňi ýykmaýyn, niýetimi aýan edeýin… gürrüň öz aramyzda galsyn, Ýusup, agalaryňa ýetmesin. Meniň ätiýajyma düşünmäge seniň paýhasyň ýeter. (Ýusubyň ellerinden tutup, ony mähir bilen synlaýar) Atamyz hezreti Ybraýym Halyldan galan mukaddes köýnegi saňa niýetleýän, Ýusup.

Ýusup ilki kakasynyň agzyndan çykan sözleri aňşyrmadyk ýaly aňalyp dur. Bu sözi eşidenlerinde Ýakubyň gyrnak aýallary agyzlaryny tutup arkan serpilýärler. Walla Zelfa sen şu ýerde dur diýip yşarat edýär, özi haýdap gidýär. Ýusup derrew özüni ele alýar.

ÝUSUP. Aýdyp dyndyň, gerdeniňden daş aýrylan ýaly ýeňlediň, kaka, ýöne seniň howsalaň maňa geçäýdi, ýüregimiň gürsüldisi kükregimi ýaryp barýar. Maňa niýetleýän ajaýyp sowgadyňy çaltrak gözüm bilen göräýmesem köşeşerin öýdemok. Maňa ne döw urdy, demim agzymdan çykyp gelýär-le.

Ýakup aljyraýar, Ýusupdan gaçyp syparly görünýär. Walla ogly Neffalimi süýrekläp gelşine Zelfanyň gapdalynda daýanýar, ogluna üm bilen diňlemegi buýurýar.

ÝAKUP. Meni gyssama, Ýusup, gyssama, entek şu eşideniň bilen oňmaly bolarsyň.

ÝUSUP. Köýnek mende dursun diýemog-a, kaka, diňe görkezäý diýýän, ýagşyny görmegem jennet.

ÝAKUP. Görkez diýme, häzir görkez diýme! Çaga ýaly özelenip duraňsoň ýüregim etmedi, aýdaýdym, mundan zyýat meni köseme, Ýusup!

ÝUSUP. Menem kösenýän-ä, kaka, ýüregim ýaryljak, sen-ä meni odukdyrdyň goýaýdyň.

ÝAKUP. Men  saňa entek diňe niýet edýändigimi aýdandyryn, tamam sözi soňa goýdum. Hudaýyň unaýandygyny ýüregim duýmasa, belli karara gelip bilmen, Ýusup. Öz ornuma Ruwimi niýet etmämde, onuň doganlary bar, bir eneden alty erkek, hemmesi-de seniň agalaryň, meniň perzentlerim. Saňa gezek gelende kakaň durumsyzlygy gursun! Sen ony howply töwekgellige iterme, oglum, gaýta öz ykbalyň hakda-da oýlan. Häzir täsin köýnegi saňa görkezsem, egnime geýip göreýin diýersiň, menem gadagan edibilmen. Seniň egniňde hezreti Ybraýym Halylyň köýnegini gördükleri agalaryň boljak iş bolupdyr, kakamyz ornuny Ýusuba bagş edipdir diýerler. Sen-ä agalaryň ýigrenjine, men-de perzentlerimiň gahar-gazabyna duçar bolarys. Olary köşeşdirmek bize başartmaz.

ÝUSUP. Eýse, biz sözler Ýakubyň agzyndan çykjak sözlermi, kaka! Seniň islegiňe garşy gitmäge olaryň bogny ysjakmy diý.

ÝAKUP. Olar seniň garşyňa giderler. Ýigrenç sizi birek-birege duşman edip goýar. Doganlaryň arasynda duşmançylykdan aýylganç zat ýokdur.

ÝUSUP. Ýakup öz agasynyň hukugyna dalaş edende duşmançylykdan çekinmändi, soňra Ýakup agasynyň kalbyndaky ýigrenjiň aýylganç duşmançylyga öwrülmezliginiň çäresini tapypdy. Eýse, Ýakup terbiýesine biçak wepaly ogluny bu günki gün emelsiz mahluk diýip bilýärmikä?!

ÝAKUP. Seniň sözleriňdäki ýowuz hakykat Ýakubyň dilini baglady, bes indi!.. Şu ýerden butnama, häzir sen isleýän zadyňy görersiň…

Ýakup çadyryna tarap gidýär. Ýusup bisabyr garaşýar. Diňläp duranlaryň bisabyrlygy onuňkyça bar. Ýakup täsin köýnegi alyp gelýär. Diňleýänler boýunlaryny uzadyp, gizlinligi unudarly. Ýusup bilen Ýakup töwerekden bihabar. Ýusubyň akly haýran, köýnegi kakasynyň elinden gaňryp aljaga meňzeýär.

ÝUSUP. Bu ajaýyp zady şu güne çenli sandykda saklamaga neneň takadyň ýetdi, kaka. Muňa salnan keşdeler älemi ýaradan

Biribaryň gudratyny, emelini beýan edýän bolmasyn! Atamyz Ybraýym Halyl Biribary tapanda, bi täsin lybas onuň egninde boldumyka?.. Seretdigim saýy bu alamatlar öz manysyny aýan edip barýar. Bi goçbuýnuz Hudaýyň eradasy birle atamyzyň ogluna derek gurban eden janlysyndan söz açýan-a däldir?.. Golaý tut, kaka, senden birugsat elim uzamasyn, ýöne gözlerim gana-gana garasyn. Garadygymça gözlerim gamaşyp barýar, asmandaky Günüň, Aýyň, ýyldyzlaryň nurana şöhlesi çemen ýasap, ýagtysyny maňa gönükdirýär. Ol şöhle Hakyň nury. Bu nurdan aýra düşüp bilmen-ä, ogluňy Hakyň nurundan aýra salmaga ýüregiň etmez. Hakyň nury seniň kalbyň, ýüregiňi, ynamyňy, ýoluňy ýagtyldyp geldi, kaka… Seniň niýetlän sowgadyňa perzendiň ägirt höwes bilen delmuryp garaýar, sen onuň göwün-islegine düşünýänsiň, düşüneniň üçinem niýetiňi iki eliň bilen oňa tarap uzadyp dursuň. Diliň al diýmese-de, şol sözüň ýüregiňde gaýtalanýandygyny ogluň bilýär-ä, bileni zerarlam oňa el uzatmaga batyrlyk edýär. (Ýusup emaý bilen köýnegi alýar, Ýakup garşylyk görkezmän, haýran galyp seredip dur) Eger şu pursat ejem pakyr gapdalyňda duran bolsady, onuň diýjek sözlerini bilýärmiň, kaka? Bilýändigiňe çigit ýaly-da şübhäm ýok, ýöne ätiýaç seniň diliňi baglapdyr. Men saňa kösenip geple diýjek däl, ony öz dilim bilen aýdaýjak. Ejem pakyr: “Oglum, hany, täsin lybasy egniňe geý, gelşigine guwanaýyn” diýerdi, sen enäniň höwesine garşy gidip bilmezdiň, kaka, gaýta çaltrak geýerime garaşardyň. Menem siziň gözüňiziň alnynda şeýdip geýerdim. (Köýnegi geýýär) Şatlykdan, buýsançdan, kanagatdan doly gözleriňiz maňa guwanç bilen garardy, tolgunmakdan ejemiň owadan gözlerine ýaş inerdi. Ejemiň gözlerine inmeli gözýaşy häzir seniň göreçleriňde görýän, kaka… Men bi täsin lybasy seniň niýetiňe görä geýdim. Nädeýin, çykaraýynmy indi?..

ÝAKUP. (Tolgunmada ýaňa zordan gepleýär) Nesip etsin… bar, nesip etsin…

Ýusup üçin beýik dabara başlanýar, ylgap gidýär. “Ibni Ýemin, Ibni Ýemin” diýip, doganyny çagyrýan sesi eşidilýär.

Diňleýänler hem owarra bolýarlar. Ýakup agyr aladadan saplanyp bilmän, çadyryna dolanmakçy bolanda göz öňünde Rahil peýda bolýar.

RAHIL. Sen ony öz ýoluňa atardyň.

ÝAKUP. Ýusup başymy-gözümi aýlady, Rahil, meniň gowşak damarymdan tutdy, seniň adyň bilen topuldy, seniň gözüň bilen seredip, seniň diliň bilen sözleýän ýaly, oňa garadygymça erkine, islegine bendi boldum galdym.

RAHIL. Sen beýleki ogullaryňy şol mukaddes köýnekde göz öňüne-de getirip bileňokdyň, hemişe Ýusubyň täk özi göz öňüňdedi. Höwesiňi hakykat ýüzünde synlamak islediň, islegiň ätiýajyňdan zor çykdy. Ýusup: “Seniň niýetiňe böwet bolup biljek güýjüň bardygyna ynanamok” diýende, sen diliň ujuna gelen jogaby aýtmakdan saklandyň, ýogsa “Ogullarymyň arasyndaky duşmançylyk meniň niýetime böwet bolup biler” diýjekdiň, diýmediň.

ÝAKUP. Ogullarymyň arasynda ýigrenç, duşmançylyk meýliniň tutaşmagyndan heder edýändigime sen şübhe etme, Rahil.

RAHIL. Heder edýän apatyňy öz eliň bilen tutaşdyrdyň, islegiňe gezek gelende sen ony äsgermediň.

ÝAKUP. Ýusubyň islegini hasaba alaňokmy sen?! Ýusup täk özüniň söýülmegini, özüne parhly garalmagyny isleýär. Onuň islegine tabyn bolmagym, eýse, seniň söýgiňe hormatymy aňladanokmy näme?!

RAHIL. Beýleki ogullaryň ýanynda sen Ýusubyň artykmaçlygyny küýseýärdiň. Ýusubyň isleginiň öz niýetiňe gabat gelmegini küýseýärdiň. Sen Ýusubyň artykmaçlygyny ile jar eden-de bolsaň, onuň täleýiniň neneňsi boljagyndan bihabar.

ÝAKUP. Ol Hudaýyň işi, Rahil. (Rahil gidýär)

7.

Ýusup doganyny çagyryp ýörşüne boşan sahna dolanyp gelýär.

Gapdaldan Zelfa bilen Walla çykýar. Olar gyzyklanma bilen Ýusuby synlaýarlar.

ÝUSUP. Näm-ä aňalyşyp dursuňyz, Ibni Ýemin nirede?

WALLA. Biziň hormatly ärimiziň paýhasyna haýran galaýmaly-da, asyl ýöne oňaraýypdyr. Bi köýnek başga biriniň egninde bolar diýip göz öňüne-de getirip boljak däl-ä.

ÝUSUP. Bi köýnek atamyz hezreti Ybraýymyň lybasy, meniň nesibämden çykan zat, kakam ak pata bilen maňa bagş etdi.

ZELFA. Şeý diýsene! Aý ýüzli, gün gözli, Ýusup jan, hasam gelşigiňe geläýipsiň. Öňem-ä görmegeýdiň welin, ind-ä zenanlara gaýra dur diýdirjek sen.

WALLA. Bar, janym, agalaryňam görsünler, hezil etsinler.

ZELFA. Kakalarynyň ornundan umydygär bolup ýörmesin bagtygaralar.

Ibni Ýeminiň “Ýusup” diýip gygyrýan sesi eşidilýär.

ÝUSUP. Ibni Ýemin, jigim, men bärde.

Sekiz ýaşly Ibni Ýemin ylgap gelşine özüni Ýusubyň boýnuna zyňýar. Olaryň duşuşygy iki aýalyň göz öňünde bolup geçýär. Ibni Ýemin agasynyň köýnegini synlaýar.

IBNI ÝEMIN. Agam täze köýnek geýipdir, buşluk, buşluk! Kakama buşlaýynmy, Ýusup.

ÝUSUP. Köýnegi kakamyň özi berdi, jigim.

IBNI ÝEMIN. Bä-ä, owadandygyny!.. Maňa-da berermi?

ÝUSUP. Bu köýnek atamyz Ybraýym Halyldan galan ýekeje köýnek. Bu köýnek gören düýşümiň ýorgudy ekeni, jigim. Bu-da şöhleden dokalan lybas ýaly-da!..

IBNI ÝEMIN. Ulalamda maňa berermiň? Ulalýançam özüň geýiber.

ÝUSUP. Sen öňinçä muň nähili köýnekdigini sor-a, jigim. Egnimdäki köýnek Ybraýym Halylyň, atamyň atasy Ybraýym Halylyň, Hudaýyň dosty Ybraýym Halylyň köýnegi! Biribaryň gözleginde bimöçber azaplara döz gelip, Hudaýyň keramatyna paýhas bilen ýeten parasatly adamyň köýnegi! Ol ilki başda keramat, gudrat Zemindedir öýdýär. Zemin bizi ekleýär, saklaýar, ähli jandary ekleýär. Ynsanyň rysgaly toprakda, topraga tohum sepseň gögerýär, ýöne asmandan ýagyş ýagmasa gögerenok. Gara bulutlar gelmese, ýagyşam ýaganok. Ä-hä, gudrat bulutlarda ekeni diýýär. Bir seretse, bulutlary şemal kowalap ýör, dargadyp goýberýär. Şemal güýçli eken-o-ow!.. Şol barmana şemalam patda ýatýar. Ybraýym atamyz has belende garaýar. Belentde Güni, Aýy, ýyldyzlary görýär, ä-hä, keramat şolarda bolsun diýýär. Emma olaram gezegi bilen dogup-ýaşyp durlar, olara-da emr edýän bir güýç bolmaly, ýogsa ýaşmazdylar-a, Gün ýaşmasa gije-de bolmazdy. Gije-de, gündizem bolup dur. Ahyrsoňy, jigim, biziň atamyz paýhas bilen Hudaýyň bardygyna düşünýär, onuň gudratyna ynanýar. Hudaýa ýüzlenip: “Sen ýeke-täksiň diýýär, seniň eradaň bolmasa, älem üzre bir jandar dogup-döräp-de bilmez, senden bidin gymyldy-da bolmaz” diýýär. Ana, şeý diýen adamyň köýnegini geýmek maňa miýesser etdi, jigim!

IBNI ÝEMIN. Ýusup, köýnegiňi elläp göräýeýin.

ÝUSUP. (Jigisini gujagyna gysýar) Elle, ýüzüňe syl, Ybraýym Halylyň paýhasyndan paýyňy al, jigim! Biziň nesibämize düşen paý, Biribaryň eradasy, islegi bilen bolýandyr.

IBNI ÝEMIN. Seň ýanyňda bolaýaýyn, Ýusup, gitsem meň begenýänimi nädip biljek sen.

ÝUSUP. Ýör, jigim, men saňa bugdaý hoşalaryndan jyga ýasap bereýin. (Gidýärler)

Guýynyň başynda Ýusup bilen Ibni Ýemin otyr. Olaryň ýüzi aňryk. Ýusup jigisiniň kellesine bugdaý başlaryndan ýasalan jygany geýdirýär. Jigisi ony gujaklaýar. Olaryň sesi bize

eşidilenok. Birdenem Ibni Ýemin ýerinden turýar-da başyndaky jygany Ýusuba geýdirýär. Begenip, el çarpyp bökjekleýär. Ýusup jigisini gujaklaýar, bagryna basýar. Olary Walla bilen Zelfa seslerini çykarman synlaýarlar.

8.

Habar bermäge giden Neffalimiň yzyna düşüp, doganlaryň onusy-da gelipdir. Olary Walla bilen Zelfa garşylapdyr.

ZELFA. Kakaňyz ony ýöne ýere okadanok ekeni. Ylymly-bilimli bolsa, sizden parhly, sizden artykmaç bolar öýden ekeni. Maksadyna-da ýetdi bolsa-da! Eýýam kellesine jyga-da geýdi!

WALLA. Sähel salymda kakasynyň başyny-gözüni aýlap, çammalagyny çaşyrdy oturyberdi. Atańyzyň boýnuna jaň dakyp sürä kowaýmaly etdi. Oň tapýan geplerini siz tapmarsyňyz. Diňläp duran ýerimde tasdan özümem pagyş-para eräpdim. (Zelfa) A gyz, senem burnuňa erk edip bilmän durşuňa tas aglapdyň-la.

ZELFA. Men aglasamam heleý sypat albassyň gül ýüzli agalarynyň keç ykbalyna aglaryn. Bylaryň maňlaýyna ýazylan gara iş ekeni. Meýdanda daş ýassanyp, jöwzada dabanlary oltaňa öwrüldi bylaň, heleýleri bilen arkaýyn ýatmaga wagt ýok işiň derdinden. O bolsa, saýaň aşagynda hat okamaly.

WALLA. Şu ojagyň ody bilen girip, küli bilen çykyp ýören hyzmatkär gyrnagam bolsak, Ýakubyň iki heleýine dogurmany öwredendiris. Rahiliň eteginde oturyp, çyglyp-çyglyp Ýakuba iki goç ogul dogrup berdim. Asyl ýöne özüm ýaly garamaňlaý dogran bolsam nätjek.

RUWIM. Siz bizi eglemäň-de, baryň, Ýusuby çagyryň, ýöne kakama duýdurmaň.

ZELFA. Dur entek, bir zady bek belläň: Ruwim hasapdan öçürlende-de, Ýusuba çenli kakaňyzyň ýene dokuz ogly bardyr.

WALLA. Wah, kakaňyz bende-de şony diýjek boldy, Ýusup oňa gulak asdymy!

RUWIM. Bolan gürrüňi Neffalim bize bolşy ýaly aýdyp berdi. Baryň-da çaltrak Ýusuby çagyryň.

Aýallar gidýär. Doganlaryň bir ýerde durmaga takatlary ýetenok, iki ýana urunýarlar.

GAD. Mukaddes köýnegini, para-para edip, ed-dil ýüzüne urmak meň bilen!

LEWIÝ. Çaky, ýöne ýere düýş görmän ekeni.

SIMEON. Kakamyz ýörite iberip, duýduryp gaýt diýen bolmagy-da ähtimal.

ASIR. Hormatly atamyzyň söwer ogluny meňem bir söýüşime serediň! (Gyjynýar) Bäh, hoşuňyza geler!

RUWIM. Ýuwaşrak, ho-ow, golaý ýanyňyzda Ýakup otyr.

Ýusup gelýär. Egninde mukaddes köýnek ýok, ol öňki eşiginde. Muny görüp doganlaryň bady gaçan ýaly bolýar. Ýusup asuda.

ÝUSUP. Essalawmaleýkum, agalar, hoş gördük. (Oňa jogap berýän ýok. Ol doganlaryny gujaklap çykmakçy bolýar, emma agaç gujaklan ýaly olarda gymyldy ýok) Kakam ýoluňyza garap otyrdy… Kakamyň çakyna görä, siz döwegi tamamlan bolmaly. (Ol Ruwimi gujaklanda Ruwim dodaklaryny, onuň maňlaýyna göwünsiz ýetirýär. Ýehuda Ýusuby sowal bilen garşylaýar)

ÝEHUDA. Sen biziň gelenimize begenmänsiň öýdýän, Ýusup, biz seni başga bir täsin lybasda görjekdik, sen syýa ýokly köýnegiňi geýip çykaýdyň-la? Ýa garamaýak doganlaryňy begendirmek isläňokmy?

ÝUSUP. Kakamyza hormatymyzyň belentdigine ynanýanym üçin eşiden habaryňyzy guwanç bilen kabul edeniňize şübhäm ýok, agalam.

DAN. Sypalap başlady, häzir boluň, ýuwdaýmasyn.

ÝUSUP. Ýuwnup-ardynyp, dem-dynjyňyzy alyň, agşam saçak başynda

siz meni täsin lybasda görersiňiz.

ZAWULON. Sabyr-takatymyz ýetmän, agşama çenli janymyz çykaýsa nätjek?

ISSAHAR. Albassyň pidasy bolan sada doganlarymyň jaýy jennet bolsun diýip, Hudaýdan dileg eder, doga okar.

ÝUSUP. Seniň bi ýaňzytmaň juda gödek bolýar, agam.

ASIR. Atamyza al salaňda, biziň mertebämizi basgylaňda seniň etmişiň gödek bolanok-da, agaň ýaňkyja sözi gödek bolaýýarmy?

RUWIM. Biziň başymyzyň jemlenerligi ýokdur-la! Her kim tünegine dargasyn… dargaň!.. (Doganlar kynlyk bilen gidýärler. Ýusup bilen Ruwim galýar. Ruwim Ýusubyň iki çigninden berk tutup, göni onuň gözlerine garaýar.) Ýer astynda ýylan gäwşese bilinýär, bolan gep-gürrüňden eýýäm biz habarly. Sen Ýakubyň iki aýagyny bir gonja sokupsyň. Ejeň ölüminden soň aýralyk derdi onuň ýüregine ezýet berýär. Şol derdi sen utanman öz islegiňe ýetmek üçin ulanypsyň. Seniň rehimiň görküňe görä däl ekeni, Ýusup, doňýürek bolmasaň, Ýakuby ömrüniň ahyrynda tükeniksiz hupbata goýmazdyň!.. (Gaharyna Ýusuby silteýär)

ÝUSUP. Sen nähili hupbatyň gürrüňini edýäň, agam?

RUWIM. Şu sowalyň özi seniň häzirki durkuňa galplyk berýär. Neneňsi hupbatdygyny, gowusy, Ýakubyň özünden soramaly ekeniň. Soramaňda-da paýhasyň ýetýändir, bilýänsiň! Ýakubyň aldaw bilen kakasyndan ak pata alanyny, aldaw bilen ojak eýesi bolandygyny bilýänsiň. Şol aldaw zerarly başyna düşen derdeseri-de bilýänsiň. Ömrüniň ýary aýralykda, sergezdanlykda geçdi, pida baryny çekdi. Ejeň ölümi-de şol pidalaryň hasabyna girýär. Sen Ýakubyň galan ömrüni-de hesrete duçar etjek bolýaň! (Ýene Ýusuby silteýär)

ÝUSUP. Agam, çignimi gopardyň-la! (Ruwimiň gysajyndan sypýar) Eger kakam öz ornuny maňa niýetlän bolsa, şol niýeti Hudaý onuň kalbyna guýandyr.

RUWIM. Bes et! Hudaýy öz hiläňe şärikli etjek bolma, gowusy, aklyňa aýlan. Janyňa haýpyň gelsin, seniň başyňdan injek betbagtçylyga Ýakup çydamaz. Betbaglygyň juda golaýdygyny meň süňňüm syzýa, Ýusup. Agaňa gulak as, meniň tagaşyksyz göwrämde rehimli ýüregiň urýandygyna sen düşünerçe bolansyň.

ÝUSUP. Seni agalarymdan parhlandyrýanam rehimli ýüregiň. Sen telim gezek meni olaryň gazabyndan halas etdiň, Ruwim.

RUWIM. Ýakubyň öňünde geçirimsiz günä edenim üçin ökünýändigim saňa aýandyr. Ybraýymyň köýnegine eýe bolmak hukugyndan mahrum etdi diýip, ýüregimde kakama kitüw saklamadym. Meniň etmişimi bada-bat kakama ýetirenem sendiň. Buşlapsyň diýemok, senden ar almak niýetimem ýok. O mahal sen çagadyň, habar beren wakaň agyr etmişdigine-de, soňunyň näme bilen gutarjakdygyna-da düşüneňokdyň. Sen indi çagalykdan saýlandyň, uly adam bolduň. Indi seni aklara mende delil ýok. Niýetimiň päkligi üçin aýdýan saňa. Ýüregimde kakama kitüw galan bolsady, saňa meçew bererdim. Seniň başyňdan injek betbagtlyg-a bir begenerdim, kakamyň hesretini görübem iki begenerdim. Maňa nesip etmedik miras, ylahym, hiç kime-de nesip etmesin diýerdim. Ýüregimde ýaman niýet bolsa, bi zatlary saňa aýan edip durmazdym-a! Maňa ynanýarmyň beri!

ÝUSUP. Ruwim, howsala düşme, sen artykmaç howsala düşýäň, agam!

RUWIM. Sen Ýakuby öz erkine goý, onuň göwün karary meýletin, erkana döresin, şo halat hiç birimizde öýke-kinr gahar-gazap, nägilelik döremez. Oýlan, Ýusup!.. (Gidýär)

(dowamy bar)… Teatr we kino sungaty